# Adamlar we guşlar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Adamlar we guşlar ADAMLAR we GUŞLAR




Guşlar geçýär, göçýär gökde bulutlar,
Men bolsam şu ýerleň içerin suwun.
Tebigata ýakyn, örän tebigy
Adamlaň arasy – meniň arzuwym.
Maňa şu ýerleriň daglary besdir
Hem besdir şu ýerleň kümüň çeşmesi.
Diňe şu ýerlerde ýüregim mesdir,
Meň ýüregim öz ilimiň teşnesi.

Guş bolmak arzuwam bolupdy mende,
Çagalyk arzuwym guş deý uçmakdy.
Göwnüme al şapak, asman, ýyldyzlar…
Depämdäki bir elýetmez uçmahdy.

Dagyň gujagyndan derýa akýardy,
Meniň bosa bar höwesim Asmanda.
Çaga köňlüm göge ümzük atýardy,
Guwlar uçup – ýerde ýaprak poslanda.

Indi bolsa ähli zatlar tersine,
Gökdäki guşlara gidenok gözüm.

Indi guş dilinden edýän terjime,
Käte guşlar bilen oturyp özüm.

Maňa öz ýurdumyň ýazyny beriň,
Bu guşlara bolsa onuň Asmanyn.
Guşlaň nagmasyny diňlesem-de men,
Mydam adamlara gulak asýaryn. Goşgular